# Tekiz ýeriň ýene bir subutnamasy

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Tekiz ýeriň ýene bir subutnamasy TEKIZ ÝERIÑ ÝENE BIR SUBUTNAMASY



Aldaw näçe uly we näçe köne boldugyça, şonça-da ol aldawa ynam berk bolýar. Ýeriň tekizdigini adama ynandyrma kyn, togalak ýere ynanýan adamlar, öz beýnisine daýanman, köpçülik pikirne daýanýarlar. Bize ýer togalak diýdiler, togalak ýeriň suratyny görkezdiler we ýer ýüzi şoňa ynanýar we bizem şeýle. Mekdepde öwredilýän astronomiýa we kosmologiýa düşünmeýän adama, tekiz ýer barada aýdyp otyranyň biderek. Adam tekiz ýere ynanar ýaly, ol adamyň togalak ýere bolan ynamyny döwmeli, edil Hudaýyň fizikanyň we biýologiýanyň kanunlaryny döwüşi ýaly. Ýöne adamyň kellesi ähli kanunlardan boş bolsa näme? Ol ýerde döwere zat ýok? Şeýle adama hiç haçan hiç zat subut edip bolmaýar, seýle adam diňe köpçüligiň kabul eden ideýasyna ynanmaly bolýar. Musa pygamber bilen bolan wakada, Musanyň ýalançydygyny subut etmek üçin faraon öz ülkesiniň ähli

gözbagçylaryny ýygnaýar we Musa bilen bäsleşdirýär. Gozbagçylar ilki bolup öz hasalarynymy (ýa-da ýüplerini) ýere oklaýarlar we ýylana öwürýärler. Elbetde gözbagçylaryňky hakyky ýylan däl we ýöne bir gözbagçylyk, gipnoz diýip düşünäýiň. Musanyň hasasy bolsa hakyky ýylana öwrülýär we gözbagçylaryň ýasama ýylanyny hem hakyky ýylana öwürýär we ol ýylanlary iýýär. Adaty gözbagçy bolmak üçin hem ylymly adam bolmaly, samsyk adama beýle kär başardanok. Musa bolsaň öz gudraty bilen gözbagçylaryň ylmy şablonyny döwdi, diýmek nyaýdýany dogry. Gözbagçylar şol pursatda musulman dinini kabul etdiler, sebäbi ylymly adamlar bolanlary üçin şeýle gudratyň diňe älemjahany döreden güýçden gelip biljegini bildiler. Tekiz ýer bilen hem şolar ýaly, adamyň kellesindäki ylmy şablony döwmeli, ýöne kellede döwere zat ýok bolsa, tekiz ýeri nädip subut etjek?
Elbetde kellesinde togalak ýeriň ylmy şablony berk oturan adama, ýeriň tekizdigini subut edip bolýar. Başga ýagdaýda adamy kosmosa uçuraýmasan, ýa-da resmi ylym, resmi ýagdaýda boýun alaýmasa, başga çäre ýok. Gurhan hem her her ädimde diýen ýaly "Oýlanyp görüň, belki oýlanyp görersiniz" diýýär, garaz pikirlenmäge çagyrýar. Bolýa, temada aýtjak bolýan zatlaryma geçeýin. Biziň köpümiz bilýäs, tebigatda "polýar gündüz" we "polýar gije" diýen düşünjeler bar. Mysal üçin demirgazykda käbir şeherlerde tomsuna gün ýaşanok we oň tersine gyşyna gün doganok. Piter şäherde tomsuna ak gündüzler bolýar, gün çala batan ýaly edýärde ýene dogýar. Demirgazyga has ýokaryk galdygyňça alty aý gije we alty aý gündiz başlaýar. Biz şu wagt diňe togalak ýer modelyndaky demirgazyk ýarym şarynyň gürrüňini edýäs. Togalak ýer modelindäki demirgazyk ýarym şaryndaky ähli hadysalar, günorta ýarymşarynda hem işläýmeli. Mysal üçin demirgazyk polýusda alty aý gündiz bolsa, onda günorta polýusda edil şol pursatda alty aý gije dowam edýär. Piter şäheri takmynan 60-nji gradus giňişlikde demirgazyk ýarym şarda ýerleşýär we Piterde tomsuna ak gijeler bar. Bu diýmek gün doly ýaşanok, gözýetimden çalaja jyklap öz dogmaly nokadyna tarap ýöreýär. Togalak ýeriň çäginde Piter üçin dogry gelýän şertler, ýer şaryň başga künjeginde 60-nji gradusda ýerleşýän şäher üçin hem edil şeýle bolmaly. Ol şäher günorta polýusda ýerleşýän bolmaly. Şeýle şäher ýer ýüzünde bar we ýeriň aýak ujyndaky şäher hasaplanylýar, ol şäheriň kordinatlary 54 gradus giňişlikde

bolup, şäheriň ady Uşuaýa, eger ýalňyşmasam şäher Argentinanyň düzümine girýär. Uşuaýa şärinde ýylda bir näçe gün polýar gijeleri bolýar. Bu diýmek gün ýaşýarda soň bir näçe günläp doganok. Togalak ýeriň modelinde, haýsam bolsa bir şeherde polýar gün bar bolsa, şol şäherde hökman polýar gije hem bolaýmaly. Piter şäherinde polýar güne meňzeş hadysa bar, tomsyna bir näçe gün gije doly düşenok, göz ýetimden gün gizlenenok. Togalak ýeriň modelinde, ýeriň başga tarapynda Uşuaýa şäheri bar we ol ýerde hadysa düýbinden başgaça, ol ýerde polýar gije bar we gün ýaşyp soň bir näçe günläp doganok. Togalak ýeriň kanunyna görä, iki agzalan şäherlerde tebigatyň iki hadysasy hem bolup geçmeli. Ýa-da şol bir hadysalar bolmaly. Mysal üçin Piter 60-nji gradusda ýerleşýär we ol ýerde diňe polýar güne meňzeş hadysa bolup geçýär we polýar gije bolanok, polýar gije üçin bolar ýaly, 66-nji gradusa tarap, ýokaryk demirgazyga süýşmelimişin. Ýöne şol bir bada günorta polýusda eýýäm 54-nji gradusda polýar gije bar, ýöne polýar gündüzler ýok. Eger ýer hakykatdan hem togalak bolsa, günorta ýarymşarda ýerleşýän şäherler 66 gradusdan aşakda bolsa ol ýerde polýar gije bolmaly däl. Ýöne 54-nji gradusda ýerleşýän şäherde eýýäm ýylda bir näçe gün polýar gije bar, ýöne 60-nji gradusdaky Piter şäherinde polýar gije ýok. Polýar gije hadysany synlamak üçin demirgazyk we günorta ýarym şarlarynda 60-njy gradusdan ýokary galmaly, sebäbi 60-nji gradusda Piter ýerleşýär we ol ýerde polýar gije ýok. Ýöne zeminiň aýagujynda, günorta polýusda eýýäm 54-nji gradusda Uşuaýa şäherinde polýar gije bar. Näme üçin ýer togalak bolsa agzalan iki şäherlerde tebigi hadysa tapawutlanýar? Hakykatda bolsa (togalak ýeriň modelinde) Uşuaýa şäherinde polýar gijäni synlajak bolsaň, ýene 10 gradus ýaly günorta, antarktida tarap ýöremeli.

Ýokarda aýdan hadysamy togalak ýer modeli düşündirip bilenok. Ýöne tekiz ýeriň modeli gowy düşündirýär. Tekiz ýer modelinde günorta polýuslarda, hususanda antarktidada hiç haçan polýar gündüz bolanok, bolmagada haky ýok. Haçanda şol hadysany barlamak üçin, günorta ýarym şarynda ýerleşýän şäherleri gözläp başlaňda, ol ýerde ýaşalýan şäher ýok bolup çykýar. Günorta polýusa iň golaý şäher, Uşuaýa şäheri, ondan aňaryk şäher ýok. Eger ondan aňaryk mysal üçin 60-65-nji gradusda ýaşalýan şäher bolan bolsa, togalak ýer modeliniň şol bada syrty açylardy. Şeýle şäherlerde togalak ýeriň kanunyna görä,

alty aýlap diýen ýaly asmanda gün bolmaly bolardy. 54-nji gradusdaky Uşuaýa şäherden aňyrda ýaşaýşyň ýokdugy hem tötänlik däl bolaýmasa? Meniň pikirimçe şeýle şäherleri eýýäm ir döwürde gyryp gutardylar we ol ýerleri boşatdylar. Sebäbi şeýle şäherlere syýahatçylar baryp başlasa, aldawyň şol bada syrty açyljak. Geň-taňsy wakalar